# Artyk Babaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Artyk Babaly ARTYK BABALY




Artygyň harmanyndan
Zat galmady özüne.
Ajy ýylgyryp bakdy,
Şonda dünýäň ýüzüne.
Harmanyny Artygyň
Dagytdylar birdemde.
Elden giderdi Artyk
Meleguşun birden-de.

Atam gitdi, harmanam
Gezek indi Aýnaňky.
Heňňam üýtgedi birden,
Gaýtgyn boldy baýlaňky.

Aýna diýip, at diýip…
Ömri geçdi göreşde.
Ýykdy, ýykyldy, turdy,

Artyk däldi perişde.

Harmany harwar-harwar,
Duşman gezmez kastynda.
Artyk Babaly indi
Meleguşuň üstünde.

Aýna kalby Artygyň
Bagra basýar janany.
«Kim alsa, şol alsyn…» däl.
Artyk aldy Aýnany.

Bu ahwaly ýöne bir
Ýatlamadym men bu gün.
Çünki Artykdan nusga
Alyp ýaşaýar göwün.

Göreşmese eger-de,
Artyk Artyk bolmazdy.
Artyk Babaly bolup,
Ady ile dolmazdy.

Kötel ýollar duşanda,
Ýada salýan Artygy.
«Kim?» diýip sorasaňyz,
Artygyň men agtygy…

08-10.03.2014. Goşgular